# Galkynyş (Renessans) döwründe edebi–nazary pikirleriň ösüşi

Category: Edebiýaty öwreniş,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Galkynyş (Renessans) döwründe edebi–nazary pikirleriň ösüşi
GALKYNYŞ (RENESSANS) DÖWRÜNDE EDEBI–NAZARY PIKIRLERIŇ ÖSÜŞI

Ýewropada kapitalistik gatnaşyklaryň döräp başlan döwründäki medeniýete renessans – Galkynyş medeniýeti diýilýär. Bu döwürde Ýewropa ýurtlarynda täze jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň döremegi bilen baglylykda öňki feodalizm döwrüniň buthana edebiýatyna garşy bolan dünýewi edebiýat ösüp başlapdyr. Täze häsiýetli edebiýatyň ösmeginde aýgytly rol oýnanlar gumanistler diýlip atlandyrylan adamlar bolupdyr. Ol ugruň esasy wekillerinden biri bolan Leona Alberti (1404– 1472) gözellik tebigatdaky zatlardadyr, şonuň üçin hem ýazyjy öz döredijiliginde tebigata – «formanyň iň gowy ussadyna» öýkünmelidir diýen pikiri beýan edýär. Ol tebigata köre-körlük bilen öýkünmäge garşy. Gözellik tebigatyň predmetlerine bölünipdir, ýazyjy bolsa aýry-aýry predmetlerde gözelligiň iň esasy, iň häsiýetli taraplaryny hakykatdan daşlaşman, bir predmetde sazlaşykly jemläp görkezmelidir. Ol aýry-aýry predmetlerdäki gözelligiň ortaça derejesinde bolmalydyr. Albertiniň durmuş wakalaryny we gahrymanlary tipikleşdirip suratlandyrmak hakdaky bu pikiri ähmiýetlidir. Şeýle pikiri italiýaly beýik Leonarda da Winçi (1452–1519) we nemes hudožnigi Albreht Dýurer (1471 –1528) hem öňe sürüpdir.
Gumanistler edebiýatyň öwredijilik ähmiýetini has hem pugta belläpdirler. Olar edebiýatyň, sungatyň ylymdan tapawutlanýandygy, ýagny ylym predmetleri öwrense-de, olaryň emosional häsiýete eýe bolan gözelligini öwrenmek bilen ýörite meşgul bolmaýandygy, gözelligi öwrenmek bilen edebiýatyň, sungatyň ýörite meşgullanýandygy barada dogry pikir ýöredipdirler.
Galkynyş döwründäki edebiýat nazaryýetçileri özleriniň şu hili

pikirlerini çeper döredijilik bilen berk baglylykda öňe sürüpdirler. Emma şeýle-de bolsa, Galkynyş döwründäki edebi-nazary pikirleriň sosial konfliktleri inkär etmek Serwantes, Şekspir ýaly ýazyjylaryň döredijiliginde durmuşyň nogsanly taraplarynyň suratlandyrylyşynyň dogrudygyny nazary taýdan esaslandyrmazlyk ýaly düýpli kemçilikleri bolupdyr.

*Çeşmesi: Ö.Abdyllaýew. Edebiýat nazaryýeti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.*

Edebiýaty öwreniş